# Seniñ heý şäheriñ bombalandymy?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Seniñ heý şäheriñ bombalandymy? SENIÑ HEÝ ŞÄHERIÑ BOMBALANDYMY?



Sen, heý, gyzgyn gülleleriñ aşagynda öýüñizi nazarlap ejeñe tarap gaçyp gördüñmi? Aýagyñ aşagyna seretmän gaçan köçeleriñde, öwrümleriñde, geçelgeleriñde ýanyndan geçip barýan jaýyñ üstüne düşen bombanyñ partlamagynyñ yzyndan daş-töwerege ýaýylan ahy-nalalar seniñ ylgawyñy öýüñize sary hasam çaltlandyrdymy? Ylgap geleniñizde öýüñizi öz ýerinde abat, ejeñizi-de sag-salamat göreniñizde başga öýleriñ harap bolandygyny we başga eneleriñ ölendigini undup, ýekemenlik bilen begenipmidiñ heý? Soñra bu şahsy begenjiñ ömürboýy ýatlanyñda garaldypmydy ganyñy?..
Emma bular şäheriñ birinji gezek bombalananda bolupdy…
Sen heý şäheriñ soñ-soñlar telim gezek bombalananda, diwanda aýagyñy uzadyp, telewizorda berilýän manysyz kinofilme seretmäge dowam edipmidiñ? Öýüñ üstünden uçýan top oklarynyñ,

raketalaryñ tanyş simfoniýasyny biperwaýlyk bilen diñläp görüpmidiñ? Üfleme we çalma saz gurallaryndan ybarat orkestriñ ýerine ýetirýän simfoniýasy. Ilki oklaryñ şuwwuldysy, yzyndanam aýylganç partlama… Soñundanam bu heñgamanyñ solo owazy…




Sen her gün goňşy aýallarynyň horunyň aranžirowkasynda mollanyň solo okaýşyny diňlemekden bez bolmadyňmy heý?
Sen, heý, dogduk şäheriň boşadygysaýy gonamçylyklaryň çaltlyk

bilen dolandygyny duýduňmy? Her gün top okuna tutulan şäherleriň gonamçylyklarynda bir günde nägadar öliniň doglandygyny pikir edip gördüňmi heý?
Bombalanan şäherleriň soňy boş köçeleriniň gonamçylykdan doludygyny bilýärsiňmi?
Bileňogam, göreňogam. Ne ajap. Mundan soňam hiç wagt görmeli-bilmeli etmesin.
Ömrüň galan böleginde baýramçylyk günleri duýman durkaň atylýan salýutlaryň, pistonlaryň sesine seňrik ýygryp gezmegiňi isleýärin…
Garaňky asmanda reňbe-reň baýramçylyk şowhunynda seniňem gözüňe oklaryň böleklän adam jesetleriniň görünmegini islämok. Töweregiňde täze ýaşaýjylaryň gelendigine begenip gygyryşjak adamlaryň sesi yzanda-çuwan, aglaşýan şekilde dolsun. Islämok… Birem..
Birem şuny hemmeler bilsin ki, uruş gidýän ýerleri taşlap gaçyp gidýänler aslynda ölümden gaçanok. Gaýtam ölüme gaçýarlar. Iň soňky alnymyzy direjek ýerimiz öljek ýerimiz ahweti…
Ilgar RESUL,
ýazyjy.

«ADALAT» gazeti, 27.02.2024 ý.

Publisistika